# Ondan-mundan çöplenenler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ondan-mundan çöplenenler ONDAN-MUNDAN ÇÖPLENENLER…

«Eger» bilen «Meger» toý edipdirler, «Käşge» atly bir çagalary bolupdyr…

◆ ◆ ◆

Miwesini iýen agajyň şahasyny kesme…

◆ ◆ ◆

Ýedi sany derwüş bir possuna sygar, iki hökümdar bir dünýä sygyşmaz…

◆ ◆ ◆

Aýna seredeňde öz sypatyňy halamasaň, aýnany däl-de, özüňi çalyş…

◆ ◆ ◆

Men diňe öli ýuwýan. Ol behişde gidýärmi ýa-da dowzaha düşýärmi – oňa goşulamok…

◆ ◆ ◆

Arynyň öýüni balynyň datlydygy üçin ýykýarlar…

◆ ◆ ◆

Adam gülende başgalaryň hasabyna, aglanda bolsa öz hasabyna aglaýar…

◆ ◆ ◆

Atalarmyz ekipdir, biz iýýäs. Biz ekeliň, çagalarymyz iýsin…

◆ ◆ ◆

Çaga üçin mugallymyñ käýinji kakasynyñ öwgüsinden peýdalydyr.

◆ ◆ ◆

Mende şeýtan tüýi ýok, epilýasiýa arkaly bar tüýümi ütdüripdim…

◆ ◆ ◆

Bolar-bolmaz kişilere içiñi dökseñ, dökenleriñi toplamak ýene-de öz paýyña düşer…

◆ ◆ ◆

Men ýitiren zatlarym üçin däl-de, indi gazanjak zatlarym üçin ýaşaýaryn.

◆ ◆ ◆

Şeýle bir doganyñ bolar – öz eneñem dogurmaz. Şeýle bir duşmanyñ bolar – öz eneñden doglan…

◆ ◆ ◆

Sekuntlardan soñra näme boljagyny bilmeýän halymyza, ýyllardan soñky etjek işlerimiziñ hyýalynda gezýäris…

◆ ◆ ◆

Daşymyzda köp adamyñ bolany gerek däl, daşymyzdakylar adam bolsun, bes şol…

◆ ◆ ◆

Geljek adamyñ ady uly harp bilen başlar ýaly, gideniñ yzyndan ullakan nokat goýuñ!

◆ ◆ ◆

Bir adama ondan geçip bilmeýändigiñizi bildirseñiz, onuñ ilkinji geçjek adamy Siz bolarsyñyz!

◆ ◆ ◆

Hiç kimiñ seniñ tarapyñda bolmagyndan arkaýyn bolma, garşyña geçmegi üçin ýekeje ädim, duşmanyñ bolmagy üçin ýekeje sözüñ ýeterlik bolar!..

◆ ◆ ◆

Hiç kim seniñ gaý-tupanlara, tolkunlara garşy nähili göreşendigiñe seretmez. Gämini porta getirip-getirmedigiñe sereder.

◆ ◆ ◆

Platon meniñ ýakyn dostum, emma Hakykat maña ondanam ýakyn!
Sözler